# Eýranda zenan bolmak

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 25 января, 2025
Eýranda zenan bolmak EÝRANDA ZENAN BOLMAK




Näçe köp «musulman topar» bar bolsa, şonça yslam bardygyny aýtmak bilen öte geçýändiris öýdemzok. Elbetde, şol yslamlaryň arasynda ullakan tapawutlyklar ýok, ýöne munuň, bu ýagdaýa seredip biriniň aýdanyny beýlekisi tassyklaýar diýibem netije çykaryp bolmaýar. Munuň özi bize şuny görkezýär: yslamyň adyndan gürleýänleriň çägi-çygry ýoga meňzeýär. Şoň üçin gapy bir gezek açylansoň, içerä nämäniň doljakdygy, içerde bolup geçenleriň nämä duş geljekdigi-de biler ýaly däl.
Ine, başýapynja hem şol meseleleriň biri. Mesele diňe başýapynjanyň bardygy ýa ýokdugy bilenem baglanyşykly däl. Başýapynjany diniň düzgüni ýaly kabul edýänler muny şol bir wagtyň özünde hökmany talap hökmünde düşündirip, hatda muny kanuny mejburylyk hökmünde girizip bilerler. Häzir Eýrandaky ýagdaý hem hut şu hakykaty açyp görkezýär. Soňky gezek Nesrin Sotuda atly aktiwistkanyň başýapynja boýunça berilen beýanatlar bilen bir hatarda käbir aýyplamalar bilen 33 ýyl azatlykdan mahrum edilendigini eşitdik. Sotuda barada habar beriş serişdelerinden öwrenen ýene bir habarymyzda, aktiwistka şol bir wagtyň özünde 148 gezek gamçy jezasynyň-da berlendigini okadyk.
Sebäp näme?
Sud edilende başýapynjasyz çykanmyş!
Dini zorluk-zulum bilenem bolsa, amala aşyrjak bolýanlary göreniňizde bu ýagdaýa gowy düşünip bilersiňiz. Eger şeýle däl bolsa, şu we şunuň ýaly jezalara, şu jezalaryň aňyrsyndaky ygtyýarlylara nädip düşüneris? Şu ýerde birinji sözümize şeýleräk garşylyk gelmegi mümkin: diniň gara güýje,

diýdimzorluga näme dahyly bar? Elbetde, şu babatda sözi zalymlaryñ özüne goýmaly, çünki zorluk-zuluma şolar arka durýar.
Yslam dininde zenanyñ orny jedelli mesele. Onuñ jedelli däl ýeri yslam fykhyndaky ýagdaýydyr. Oña görä gyz çagajyklar 9 ýaşynda durmuşa çykarlyp bilner, käbir mezheplerde zenan daşaryk çykanda eli we ýüzi ýapyk bolmaly, aýalyñ ýeke özüniñ gidip biljek aralygyna çenli kilometrler bilen çäklendirilipdir. Mirasdan almaly paýy-da az, aýrylyşmaga-da haky ýok we şaýat-da bolup bilmeýär. Diýjek bolýanym, zenanyñ ykbalyny ýazýan galam hiç haçanam aýal-gyzlaryñ ýüzüne gülüp bakmandyr.[1]

## • EÝRANDA ZENANYÑ ÝAGDAÝY

Ýazgy şeýle bolansoñ, aslynda «takdyry» ele salan ýurtlarda aýala başgaça seredilmeýärem. Ine, Eýranam şolar ýaly ýurduñ kartinasyny berýär. Muny biz däl, hut Eýranda ýaşaýan we günden-güne muña nägilelik bildirýän aýal-gyzlar aýdýar. Eýranly Ýewa Awa hem şol närazylyga gatnaşanlaryñ we aýal-gyzlaryñ hak-hukuklary üçin köçä çykanlaryñ biri. Ýewa Eýranda ýaşaýan aýallaryñ ýagdaýyny şeýle gürrüñ berýär: «Eýranda atanyñ rugsady bolmazdan aýal-gyzlar äre çykyp bilenok. Äriniñ rugsady bolmazdan Eýrandan çykyp bilenok. Gyz çagalar dokuz ýaşynda başýapynja bilen gezmäge borçly. Aýrylyşan aýallaryñ çagalaryna enelik hukugy ýok. Diñe durmuşa çykmazdan öñ ylalaşyk baglaşylan bolsa, aýal çagalaryny alyp bilýär. Ylalaşygyñ ýok bolsa çagalar ejesine berilmeýär. «Yslam» häkimiýetiniñ adamlaryñ üstünde täsiri köp bolupdyr. Şonuñ üçinem gyz durmuşa çykanda «men aýrylyşmaga rugsat soraýan» diýip, ylalaşyk baglaşyp bilenok. Ymam nikasy kanuny nikanyñ ýerini tutýar. Meselem, erkek kanuny taýdan dört aýal alyp bilýär, äriniñ başha aýal alýandygy üçin aýrylyşmak isleýändigini aýtsa, «Näçenji aýalyny alýar? Heniz dört aýal almadyk bolsa, nämesi bilen ylalaşañok?» diýen jogaby alýar. Şonuñ üçin aýallar aýrylyşandan soñky jemgyýetçilik basyşlary we hukuk taýdan berilýän päsgelçilikler sebäpli aýrylyşjak bolubam duranoklar. Belkäm şol sebäplidir, Eýranda öz janyna kast edip ölýän aýallar kän. Kanunda ýogam bolsa, aýrylyşan

aýal jemgyýetçilik basyşyndan ýaña hökman atasynyň öýüne dolanmaly, köplenç aýala öý hem berenoklar.
Futbol stadionlary-da aýal-gyzlara gadagan. Ýa-da erkekleriň sport bilen meşgullanýan ýerlerine gitmek… Ýokary okuw jaýlarynyňam käbir fakultetleri olara bolanok. Çünki erkeklere garanda fakultetlerde has az ýer açýarlar ýa-da asla açanoklaram.
Zenan 18 ýaşyny dolduranda ýene bir gezek kakasyndan rugsat alanoň pasport alyp we daşary ýurda çykyp bilýär, emma 18 ýaşdan öň her gezekde kakadan ýazmaça rugsatnama almaly. Kakasy ýok bolsa, atasyndan we agasyndan almaly, muňa hiç bir ýagdaýda ejesiniň goşulmaga haky ýok. Çagalaryň liseýi okap gutarandygy hakyndaky şahadatnama çenli kakasyna berilýär, ejesiniň bulary almaga haky ýok.
Şeýle-de Eýranda başlangyç mekdepde we liseýde gyzlar bilen oglanlara aýry bilim berilýär. Emma ýokary okuw jaýlarynda garyp okadýarlar. Emma şeýle ýokary okuw jaýlarynda-da oglan bilen bile ýöremek gadagan, muny ýerine ýetirmedik ýagdaýyňdq tertip-düzgün jogapkärligine çekilýärsiň.
Awtobuslarda-da aýal-gyzlar bir ýanda, erkekler bir ýanda oturmaly, ýagny, awtobus ikä bölünen ýagdaýda.
Kanunda durmuş gurmagyň ýaşy 13, emma şondanam has ir maşgalasynyň rugsady bilen toý tutmak bolýar. Käbir gatlaklarda muňa garşy nägileliklerem bolup durýar…”[2]

## • MESELEM, ERKEKLERIŇ DÖRT AÝALY DÄL-DE, AÝALLARYŇ DÖRT ÄRI BOLSA?

Okyjylar ýokarky setirleri okandan soň «aýal-gyzyň bar günäsi zenan bolup dünýä inmekmikä?» diýip, pikir etmän bilmeseler gerek. Aýal bular ýaly durmuşa baglanyp goýulmak üçin näme etdikä zenan bolmakdan başga? Beýle durmuş haýsy günäniň haýsy webalyň garşylygy bolup biler! Bulary zulum saýmaýan bolsaňyz, onda şeýle çäklendirmeleri, şeýle diskriminasiýany erkeklere-de edeliň. Meselem, erkekleriň dört aýaly däl-de, aýallaryň dört äri bolsa? Bolmaz gerek, hudaý saklasyn!
Fykha arkalanyp eýe çykylan zenan düşünjesi we kada-kanunlar

bilen yslam dünýäsiniñ aýal-gyzlar babatda yza galandygy we aýal-gyzlary zyndanlara atandygy inkär edip bolmajak hakykat. Elbetde, muny şeýle hasaplamaýan «musulman» aýal-gyzlaram bar bolup biler. Emma meseläni ylmy, psihologiki we hukuk taýdan seljerenimizde, gabatlaşjak netijäñiz şudur. Meseläniñ birem ynanç tarapynyñ bardygyny hemmämizem bilýäris. Ine, şol ýerde-de hemmeler «bagtly» aýallar ýaly däl-de, tersine musulman aýal-gyzlaryñ hereketi gün geçdigiçe ösýär we bolup geçýän şeýle diskriminasiýalardan bimaza bolýarlar.
Aslyýetinde bu ýagdaýdan biynjalyk bolanlar diñe musulman aýal-gyzlaram däl. Meselem, şu aşakdaky setirler XII asyryñ meşhur musulman akyldarlaryndan Ibn Roşta degişli. Serediñ, Ibn Roşt musulman aýalyñ ýazgydy bilen nähili gyzykly setirleri galdyryp gidipdir. Bilelikde okalyñ: «Şu günki içtimaýy (jemgyýetçilik) ahwalymyz aýal-gyzlardaky baýlygy, gizlin syrlaryny añlamaga goýmaýar. Hamala aýal diñe çaga dogurmak we emdirmek üçin ýaradylanmyş! Aýal-gyzlarymyzyñ boýnuna ýüklenýän şular ýaly hyzmatkärlik olardaky uly-uly işleri bitirmäge bolan çäksiz güýç-kuwwatlaryny, paýhas derejelerini ýok edýär. Şonuñ üçinem aramyzda fazylatly, at-abraýy aýallar ýok. Ömürleri nebatat (ösümlik) ömri ýaly geçýär, ine, ýurdumyzy weýran edýän ser-sepillik şundan gelip çykýar. Çünki aýallar erkekleriñ iki essesidir. sanlary bilen zerur zatlary üpjün edip bilenoklar, iki sülüs (üçden ikisi) haýwany-tufeýli ýaly bir sülüsyñ (üçden biri) jisminiñ üstünde ýaşaýarlar.”[3]

[1] Aýdyn Tonga, «Çuññur yslam» («Derin İslam»), «Doğu Kitabevi» neşirýaty.
[2] https://www.evrensel.net/haber/348548/iranli-ava-anlatiyor-iranda-kadinlarin-ofkesi-orgutlu-guce-donusuyor
[3] Professor Mehmet S.HATIBOGLY «Yslamyñ zenana garaýşy» («İslâm’ın Kadına Bakışı»)

Aýdyn TONGA.

Odatv.com, 15.03.2019 ý. Publisistika